# Tula

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Tula TULA

Gözel ýeriň her kim edýär waspyny,
Men niçik etmäýin tarypyn Tulaň.
Bir gören ömründe unutmaz muny,
Örän ajap gördüm taryhyn Tulaň.

Ýadaw adam çaýa meýil edende,
Tula semawary berýär medeti.
awçy mergen aw-şikara gidende,
Tula ýaragyndan çekýär minneti.

Edebiýat ýurdunyň beýik soltany,
Lew Tolstoý şunda dünýä gelipdir.
Niçik ýatlamaýyn Lewşa ussany,
Nakysja büräni nallap bilipdir.

Saşa Çekalin dek her bir balasy,
Azat zähmetinde joşýar Watanyň,
Bu gün görsediňiz sowet Tulasy,
Şöhratyna şöhrat goşýar Watany.

- **USSADA**

Öz ady dakylan seýil bagynda
Gördüm halypany – beýik Puşkini.
Tula agşamynyň sergin çagynda,
Goşgy düzýän ýaly otyr ýaş geni.

Töweregne gezim etdim diň salyp,
Otyr öňe garap, çykarman seda.
Bar goşgusy ýüregimde ýaň salyp,
Jan girendir öýtdüm men ol ussada.

Orazmuhammet KIRŞENOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1958 ý. Goşgular